**Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň Başlygynyň 2017-nji ýylyň 24-nji maýyndaky 144-iş belgili buýrugy bilen tassyklandy**

**Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2017-nji ýylyň 3-nji iýunynda 1056 san bilen bellige alyndy**

# Ýurdumyzda oba hojalyk önümlerini öndürijilerine ýeňillikli karzlary bermegiň Tertibi

## I. Umumy düzgünler

1. Şu Ýurdumyzda oba hojalyk önümlerini öndürijilerine ýeňillikli karzlary bermegiň Tertibi, (mundan beýläk – Tertip), Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, Türkmenistanyň Raýat kodeksine, "Ýurdumyzda oba hojalyk önümlerini öndürijileri maliýe taýdan goldamak hakynda" Türkmenistanyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 4-nji martynda çykaran 85-nji kararyna we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda, işlenip taýýarlanyldy.

2. Şu Tertip ygtyýarly banklar (mundan beýläk - Bank) tarapyndan öz serişdeleriniň hem-de çekilen serişdeleriniň hasabyna milli we daşary ýurt pulunda, şeýle-de Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan milli pulunda karz ugurlaryny açmagyň hasabyna daýhan birleşiklerine, daýhan hojalyklaryna, oba hojalyk paýdarlar jemgyýetlerine, oba hojalyk ylmy-barlag institutlaryna mülkdarlara, kärendeçilere, oba hojalyk önümlerini öndüriji hususy telekeçilere we döwlete dahylsyz edara görnüşli taraplara–dahyllylara (mundan beýläk - oba hojalyk önümlerini öndürijiler) oba hojalyk tehnikalaryny, gurallaryny we abzallaryny hem-de suwy tygşytlaýjy tehnikalary, enjamlary, suwaryşda ulanylýan geçirijileri satyn almak üçin hem-de maldarçylygy we guşçulygy ösdürmek, oba hojalyk önümlerini öndürmek, gaýtadan işlemek we hyzmatlary ýerine ýetirmek bilen bagly maýa goýum taslamalaryny maliýeleşdirmek, şeýle hem, esasy serişdeleri we emläkleri satyn almak üçin ýeňillikli karzlary bermegiň tertibini düzgünleşdirýär.

3. Şu Tertipde aşakdaky esasy düşünjeler ulanylýar:

**daýhan birleşigi** - oba hojalyk önümçiligini guramak we alyp barmak üçin döredilýän we gatyşyk eýeçilige esaslanýan ýuridiki şahsdyr;

**daýhan hojalygy** - oba hojalyk önümçiligini bilelikde alyp barmak üçin bir ýa-da birnäçe maşgalanyň agzalary tarapyndan döredilýän oba hojalyk kärhanasydyr;

**oba hojalyk paýdarlar jemgyýeti** - oba hojalyk önümlerini öndüriji bolup, paýdarlar jemgyýetine gatnaşyjylaryň paýdarlar jemgyýeti babatdaky hökmanylyk hukuklaryny tassyklaýan, paýnamalaryň belli bir sanyna bölünen, fiziki we (ýa-da) ýuridiki şahslaryň goýumlarynyň ustaw gaznasyna (maýasyna) birleşen kärhanasydyr;

**mülkdar** - "Daýhan birleşikleri hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda ýeri döwletden mülk hökmünde ýa-da uzak möhletli kärendä alyp işleýän ýekebara oba hojalyk önümlerini öndürijiler;

**kärendeçi** - "Daýhan birleşikleri hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda daýhan birleşiginden oba hojalyk önümlerini öndürmek üçin ýer bölegini hem-de maldarçylyk önümlerini öndürmek üçin mallary kärendesine alan fiziki ýa-da ýuridiki şahslar;

**oba hojalyk ylmy-barlag institutlar** - Türkmenistanyň oba hojalygyna degişli ylmy-önümçilik we synag işleri bilen meşgullanýan edaralar, kärhanalar we guramalar;

**hususy telekeçi** – hususy telekeçilige degişli bolan edara görnüşindäki tarapy döretmezden telekeçilik işi bilen meşgullanýan şahsy tarap bolup, ol öz işini Türkmenistanyň Raýat Kodeksine, "Telekeçilik işi hakynda" we "Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda" Türkmenistanyň Kanunlaryna laýyklykda hakyna tutma zähmeti ulanyp ýa-da ulanmazdan amala aşyrýar;

**Döwlete dahylsyz edara görnüşli taraplar-dahyllylar** - Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda döredilen Türkmenistanyň çäginde ýerleşýän ýuridiki şahslar;

**Türkmenistanyň ygtyýarly banky** - Türkmenistanda hereket edýän 100% daşary ýurt maýasynyň

gatnaşmagyndaky karz edaralaryndan, şol sanda olaryň şahamçalaryndan we wekilhanalaryndan başga,Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda döredilen Türkmenistanyň karz edaralary;

**maýa goýum taslamasy** – "Türkmenistanda maýa goýum işi hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, oba hojalyk tehnikalaryny, gurallaryny we abzallaryny hem-de suwy tygşytlaýjy tehnikalary, enjamlary, suwaryşda ulanylýan geçirijileri satyn almak hem-de maldarçylygy we guşçylygy ösdürmek, oba hojalyk önümlerini öndürmek, olary saklamak we gaýtadan işlemek bilen bagly taslamalar.

4. Ýurdumyzyň oba hojalyk önümlerini öndürijileri döwlet tarapyndan maliýe taýdan goldamaklygyň esasy maksatlary oba hojalygyna innowasiýalary, döwrebap tilsimatlary we öňdebaryjy usullary ornaşdyrmagyň hasabyna ýerleriň hasyllylygyny ýokarlandyrmakdan, şol sanda ýerlerden rejeli peýdalanmakdan, ulanylmaýan ýerleri özleşdirmekden we ýurdumyza daşary ýurtlardan getirilýän önümleriň ornuny tutýan önümleriň öndürilişini hem-de ýurdumyzda öndürilýän önümleriň daşary ýurtlara iberilýän möçberini artdyrmakdan, oba ilatynyň ýaşaýyş şertlerini has-da gowulandyrmakdan, täze iş orunlaryny döretmek hem-de oba hojalyk önümlerini öndürijileriň girdejilerini artdyrmakdan ybaratdyr.

## II. Oba hojalyk önümlerini öndürijilere karzlary bermegiň düzgünleri

5. Oba hojalyk önümlerini öndürijilere karzlar oba hojalyk tehnikalaryny, gurallaryny we abzallaryny hem-de suwy tygşytlaýjy tehnikalary, enjamlary, suwaryşda ulanylýan geçirijileri satyn almak hem-de maldarçylygy we guşçulygy ösdürmek, oba hojalyk önümlerini öndürmek, gaýtadan işlemek we hyzmatlary ýerine ýetirmek bilen bagly maýa goýum taslamalaryny maliýeleşdirmek, şeýle hem esasy serişdeleri we emläkleri satyn almak üçin berilýär.

6. Oba hojalyk önümlerini öndürijiler şu Tertibiň 5-nji bölüminde bellenilen karzlary almak üçin banka şu aşakdaky resminamalary tabşyrýar:

karz almak üçin arza;

fiziki şahslar üçin - şahsyýetini tassyklaýan resminamanyň we ýer eýeleri üçin salgyt hasabyna goýulandygy hakynda şahadatnamanyň nusgasy;

ýuridiki şahslar üçin- döwlet tarapyndan bellige alnandygy hakyndaky şahadatnamanyň we salgyt hasabyna goýulandygy hakynda şahadatnamanyň nusgasy;

karzyň hasabyna maliýeleşdiriljek maýa goýum taslamalaryň iş meýilnamasy;

karzy ulanmak bilen bagly şertnamalaryň we hasap sypatnamalaryň göçürme nusgalary;

ýer bölegine eyeçilik hukugyny berýän Döwlet namasynyň, ýerden peýdalanmak hukugyny berýän Döwlet namasynyň, ýeriň kärendä berlendigi barada Kepilnamanyň göçürme nusgalary;

Daýhan birleşikleri, oba hojalyk paýdarlar jemgyýetleri we oba hojalyk ylmy-barlag institutlary soňky 3 ýyl boýunça ýyllyk balanslary we işleriniň ähli görnüşlerinden alýan girdejileri barada maglumatlary;

Daýhan hojalyklarynyň, kärendeçileriň, mülkdarlaryň, oba hojalyk önümlerini öndüriji hususy telekeçileriň we döwlete dahylsyz edara görnüşli taraplaryň-dahyllylaryň soňky 2 ýyldaky girdejileri barada tassyklanan maglumatlary;

Bank karzy bermek hakyndaky çözgüdi kabul etmek üçin zerurlyk ýüze çykan ýagdaýynda oba hojalyk önümlerini öndürijilerden goşmaça maglumatlary talap edip biler.

7. Oba hojalyk önümlerini öndürijiler şu Tertibiň 10-njy bölüminde görkezilen karzlary almak üçin:

daýhan birleşikleri we oba hojalyk ylmy-barlag institutlary oba hojalyk tehnikalaryny, gurallaryny, abzallaryny we suwy tygşytlaýjy tehnikalary, enjamlary, suwaryşda ulanylýan geçirijileri üçin Türkmenistanyň Oba we suw hojalyk ministrliginden olaryň ýerli toprak-howa şertlerine laýyk gelýändigi barada netijenama bolmaly;

daşary ýurtlardan mallary we guşlary satyn alynan ýagdaýynda, Türkmenistanyň Oba we suw hojalyk ministrliginiň ýanyndaky döwlet weterinariýa gullugyndan mallaryň we guşlaryň kesellerden arassalygy barada netijenama almaly.

8. Oba hojalyk önümlerini öndürijilere karz bermegiň mümkinçiligi hakynda meselä garalan wagty Bank onuň karzy üzmek ukybyny, iş meýilnamasyny hem-de karz taryhyny öwrenýär.

Täze döredilen hojalyklara we oba hojalyk önümçiligi bilen täzeden meşgullanmaga başlaýan daýhan hojalyklaryna, mülkdarlara, kärendeçilere, oba hojalyk önümlerini öndüriji hususy telekeçilere we döwlete dahylsyz edara görnüşli taraplara-dahyllylara karzlaryň berilmeginiň mümkinçiligi, olaryň maýa goýum taslamalarynda göz öňünde tutulan oba hojalyk önümçiliginden alynmaly girdejileriň seljerilmegi esasynda kesgitlenilýär.

Eger-de, taslamany karz serişdeleriň hasabyna maliýeleşdirmek üçin hususy telekeçileriň we döwlete dahylsyz edara görnüşli taraplaryň–dahyllylaryň karza ukyplylygy pes bolan ýagdaýynda, karzyň üpjünçiligi hökmünde karza we tölege ukyby bolan başga ýuridiki şahsyň zamunlygy kabul edilip bilner.

9. Daýhan birleşikleriniň, oba hojalyk ylmy-barlag institutlarynyň, daýhan hojalygynyň we oba hojalyk paýdarlar jemgyýetleriniň karza ukyplylygy, olaryň hasaplaşyk hasaplaryna kärendeçiler we beýleki ýerden peýdalanyjylar tarapyndan geçirilen pul geçirmeleriniň hem-de işleriniň ähli görnüşlerinden alýan girdejilerindäki serişdeleriniň ortaça 3 ýyl boýunça göwrüminden hem-de maliýe görkezijilerinden ugur alnyp kesgitlenilýär.

Eger-de, taslamany karz serişdeleriň hasabyna maliýeleşdirmek üçin daýhan birleşiginiň, oba hojalyk ylmy-barlag institutlarynyň, daýhan hojalygynyň we oba hojalyk paýdarlar jemgyýetleriniň karza ukyplylygy pes bolan ýagdaýynda, karzyň üpjünçiligi hökmünde karza we tölege ukyby bolan başga ýuridiki şahsyň zamunlygy kabul edilip bilner.

10. Oba hojalyk önümlerini ödürijilere karz bermegiň möhleti we göterimleri şu aşakdaky tertipde kesgitlenýär:

oba hojalyk önümlerini öndürijilere oba hojalyk tehnikalaryny, gurallaryny we abzallaryny hem-de suwy tygşytlaýjy tehnikalary, enjamlary, suwaryşda ulanylýan geçirijileri satyn almak üçin ýyllyk 1 göterim bilen, olaryň ulanyş möhletinden ugur alyp, 10 ýyla çenli möhlete her ýylda deň paýlarda gaýtarmak şertinde;

maldarçylygy we guşçulygy ösdürmek, oba hojalyk önümlerini öndürmek, olary saklamak we gaýtadan işlemek we oba hojalyk işlerini ýerine ýetirmek bilen bagly maýa goýum taslamalaryny maliýeleşdirmek üçin ýyllyk 5 göterim bilen 10 ýyla çenli möhletde.

11. Karzlar şu Tertibiň 10-njy bölüminiň üçünji bendinde görkezilen maksatlar üçin oba hojalyk önümlerini öndürijileriň taslama boýunça 15 göterimden az bolmadyk hususy serişdelerini goýmak şerti bilen karzlaşdyrylýar. Şeýle hem, oba hojalyk önümlerini öndürijileriň maýa goýum taslamalary olaryň alyp barýan önümçilik işlerine laýyklykda karz ugruny açmak bilen tapgyrlaýyn karzlaşdyrylyp bilner.

12. Karz serişdeler şu aşakdaky maksatlar üçin berlip bilinmez:

ýitgileriň öwezini dolmak;

karzy resmileşdirmek bilen baglanyşykly hyzmatlaryň bahasyny tölemek;

önümçilik däl çykdajylaryny (puşmana töleg, jerime we ş.m.) tölemek;

temmäki we alkogolly içgileriň önümçiligi;

söwda-dellalçylyk kärhanalarynyň dolanyşyk serişdelerini döretmek;

oba hojalyk önümçiligine dahylly bolmadyk emlägi edinmek;

Türkmenistanyň kanunçylygyna ters gelýän hasaplaşyklary amala aşyrmak.

13. Oba hojalyk önümlerini öndürijilere, şu Tertibiň 10-njy bölüminde bellenilen maksatlar üçin berilýän karzlaryň üpjünçiligi aşakdaky tertipde bellenilýär:

daýhan birleşikleri, oba hojalyk paýdarlar jemgyýetleri we oba hojalyk ylmy-barlag institutlary üçin olaryň işleriniň ähli görnüşlerinden alýan girdejilerindäki serişdeler bolup durýar. Şol sanda, kärendeçiler we beýleki ýerden peýdalanyjylar tarapyndan geçirilýän geçirmelerden hem-de olaryň işleriniň ähli görnüşlerinden hasaplaşyk hasaplaryna gelýän pul serişdeleri;

daýhan hojalyklary, mülkdarlar, kärendeçiler, oba hojalyk önümlerini öndüriji hususy telekeçiler we döwlete dahylsyz edara görnüşli taraplar-dahyllylar üçin girew, bank kepillik ýa-da üçünji tarapyň zamunlygy;

Girew emlägi hökmünde karzyň hasabyna satyn alnan emläk we esasy serişde hökmünde hasapda duran emläk (satyn alnan dolanyşyk serişdelerinden, mallardan we guşlardan başga) çykyş edip biler we onuň doly bahasynyň 70%-den artyk bolmadyk möçberde kabul edilip bilner.

14. Şu Tertibiň 10-njy bölüminiň üçünji bendinde görkezilen maksatlar üçin berilýän karzlara oba hojalyk önümçiliginiň ugurlaryna laýyklykda ýeňillikli döwür kesgitlenilip bilner.

15. Bank bilen karz alyjynyň arasyndaky özara gatnaşyklar taraplaryň arasynda baglaşylan karz şertnamasy esasynda düzgünleşdirilýär.

16. Oba hojalyk önümlerini öndürijiler tarapyndan karz boýunça esasy bergi we/ýa-da oňa hasaplanan göterimler karzy üzmekligiň tertibinde göz öňünde tutulan möhletlerde tölenmedik halatynda, Bankyň karz şertnamasyny bir taraplaýyn tertipde ýatyrmak arkaly, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, karzy möhletinden öň yzyna talap etmäge we borçnamany üpjün ediş serişdeleriň hasabyna talabyny kanagatlandyrmaga hukugy bardyr.

## III. Bank tarapyndan oba hojalyk önümlerini öndürijileriň ýüztutmalaryna garamagyň tertibi

17. Bank şu Tertibiň şertlerine laýyklykda, hökmany maksatly niýetlenilişinden ugur alyp, karz almak üçin ýüz tutan oba hojalyk önümlerini öndürijileriň resminamalarynyň bukjasyna garaýar.

Maglumatlary ýygnamaga we barlamaga jogapkär bolan Bankyň düzüm birliginiň (karz ýa-da gaýry ygtyýarly müdirlik, bölüm) işgäri (mundan beýläk – Bölüm) oba hojalyk önümlerini öndürijiler tarapyndan şu Tertibiň 6-njy bölümine laýyklykda, onuň tölege ukyplylygyna, karz taryhyna, karzyň üpjünçiligine, yzyna gaýtarylyş talaplaryna laýyklykda resminamalaryň bukjasyna seljerme geçirýär.

Bankyň karz topary oba hojalyk önümlerini öndürijileriň bukjasyna laýyklykda, hödürlenýän karz resminamalarynyň we maýa goýum taslamalarynyň wajyplygyna, maksadalaýyklygyna, önümçiligiň ýerleşdirilmeginiň netijeliligine, ilatyň iş bilen üpjünligine baha berýär. Baha bermegiň netijeleri esasynda karz topary çözgüt kabul edýär.

Bankyň karz bermekligi ýa-da bermezligi baradaky netijeleri mejlis ýazgysy bilen resmileşdirilýär.

18. Oba hojalyk önümlerini öndürijiň arzasynyň hasaba alnan senesinden başlap 15 (on bäş) iş gününiň dowamynda, Bank tarapyndan karz bermek hakynda çözgüt kabul edilýär.

Eger-de, karz bermeklik kanagatlandyrylmadyk ýagdaýynda, onuň sebäpleri ýazmaça görnüşde esaslandyrylýar we oba hojalyk önümlerini öndürijä iberilýär.

19. Bank karzyň berilmegi barada çözgüt kabul edenden soň, bellenilen tertipde karz bermek boýunça ähli zerur amallaryny geçirýär.

20. Oba hojalyk önümlerini öndürijiler şu Tertibiň 10-njy bölüminde görkezilen ýeňillikli karzlary boýunça iş meýilnamasynyň dogrulygyna we karzyň alynmagy bilen göz öňünde tutulan maksatlaryň durmuşa geçirilmegine Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilik çekýär.

## IV. Bankyň ýüztutmasy esasynda Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan karz ugurlaryny açmagyň tertibi

21. Türkmenistanyň Merkezi banky Bankyň ýüztutmasy esasynda şu Tertibiň 10-njy bölüminiň ikinji bendinde göz öňünde tutulan maksatlar üçin ýyllyk 0,5 göterim bilen hem-de şol bölümiň üçünji bendinde göz öňünde tutulan maksatlar üçin ýyllyk 2 göterim bilen karz serişdeleri bermek üçin karz şertnamasyny baglaşýar.

22. Karz şertnamasynda taraplaryň borçnamalary, berilýän karzyň umumy möçberi, karzyň maksady, möhleti geçen bergileriň dörän ýagdaýynda göterim derejesiniň ýokarlanmagy, karzy gaýtarmagyň we ol boýunça göterimleri tölemegiň möhleti, taraplaryň salgylary görkezilýär.

23. Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan oba hojalyk önümlerini öndürijileri karzlaşdyrmak üçin Banka berlen karzyň möçberine, Bank tarapyndan karz şertnamasynda görkezilen möhletlerde we möçberde göterimler hasaplanylýar.

24. Karz ugrunyň möçberi artdyrylanda we/ýa-da möhleti uzaldylanda Türkmenistanyň Merkezi banky bilen Bankyň arasynda karz ugrunyň möhletini we täze möçberini görkezmek bilen karz şertnamasyna goşmaça ylalaşyklar baglaşylýar.

25. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň serişdeleri üçin göterimler oba hojalyk önümlerini öndürijilerden göterimleri tutup almagyna garamazdan Bank tarapyndan hasaplanýar we tölenilýär.

26. Türkmenistanyň Merkezi banky şu Tertibiň şertlerine laýyklykda, beren karz serişdeleriniň maksadalaýyk ulanylmadyk ýagdaýy ýüze çykaran halatynda ol karz ugrunyň degişli böleginiň möhletinden öň yzyna gaýtarylmagyny Bankdan talap etmäge haklydyr.

## V. Karzy bermegiň tertibi, karzlary peýdalanmagyň hasaby we gözegçiligi

27. Karzy bermeklik Bank, şol sanda olaryň şahamçalary tarapyndan amala aşyrylýar.

28. Karzlar, aýratyn karz ugruny we aýratyn karz hasabyny açmak hem-de bu hasapdan oba hojalyk önümlerini öndürijileriň töleg tabşyryknamalaryny tölemek arkaly nagt däl görnüşde berilýär.

29. Bank tarapyndan oba hojalyk önümlerini öndürijilere ilatdan mal, guş, agaç nahallaryny, şitilleri we tohumlary satyn almak üçin karz serişdeleriniň nagt pul bilen 20 (ýigrimi) müň manat çäklerinde berilmegine ygtyýar berilýär.

30. Oba hojalyk önümlerini öndürijiler karz hasaplaryndan Türkmenistanyň kanunçylygynda we Türkmenistanyň Merkezi bankynyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynda başgaça göz öňünde tutulmadyk halatynda, daşary söwda şertnamalary boýunça Türkmenistanyň dahylsyzlary bilen hasaplaşyklary geçirmek üçin daşary ýurt puluny satyn almaga berilip bilner.

31. Bank karzyň üpjünçiliginiň ýagdaýyna hem-de karzyň netijeli we maksadalaýyk ulanylyşyna ýerinde barlaglar geçirmelidir. Berlen karzlaryň maksadalaýyk ulanylmadyk halatynda Bankyň karz şertnamasynda bellenilen tertipde niýetlenilişine görä peýdalanylmadyk karzyň möçberini oba hojalyk önümlerini öndürijileriň hasaplaşyk ýa-da başga hasabyndan möhletinden öň tutup almaga hukugy bardyr.

32. Üzülişmegiň möhletleri tertip görnüşinde berilmelidir, ol onuň üzülişilmegini pul serişdeleriniň gelip gowuşmagynyň meýilleşdirilşine baglylykda birnäçe tapgyrlar bilen göz öňünde tutýar. Oba hojalyk önümlerini öndürijiler alan karz serişdelerini şertnamada göz öňünde tutulan möhletlerde we tertipde banka gaýtarmaga borçludyr.

33. Oba hojalyk önümlerini öndürijileriň karz we ulanylan karz serişdelerine hasaplanylan göterimler boýunça bergileriň üzmekligi hem-de alynan karzy wagtyndan öň gaýtarmaklygy karz şertnamasynda göz öňünde tutulan tertipde amala aşyrylýar.

34. Bank şu Tertibiň şertlerine laýyklykda karzy alan oba hojalyk önümlerini öndürijileriň sanawyny goşmak bilen, karz ugurlaryny peýdalanmagyň ýagdaýy hakynda her aýda Türkmenistanyň Merkezi bankyna hasabat bermäge borçludyrlar.

## VI. Jemleýji düzgünler

35. Şu Tertipde beýan edilmedik düzgünler Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda düzgünleşdirilýär.